# Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda materiallaryň garşylygy boýunça III Halkara olimpiada geçiriler

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Materiallaryň garşylygy» dersi boýunça III Açyk Halkara Internet-olimpiadasyny geçirer.

Çäräniň guramaçylyk toparynda habar berişleri ýaly, eýýäm dünýäniň 15-e golaý ýurdundan, şol sanda Russiýadan, Belarusýadan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Rumyniýadan we beýleki döwletlerden ýokary okuw mekdepleriniň talyplary olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýäler.

Gatnaşjaklary bellige almak dowam edýär. Haýyşnamalary kabul etmek 28-nji marta çenli dowam ederýar.

Olimpiada 29-njy martda başlanar we onlaýn arkaly ýaryşlar görnüşinde geçiriler. Gatnaşýanlara 6 ýumuş taýýarlanyldy, şolary çözmek üçin 120 minut berler. Olimpiadanyň resmi dili – türkmen, iňlis we rus dilleri.

Internet-olimpiadanyň ýeňijileri we baýrak eýeleri I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanarlar. Olimpiadanyň ýumuşlaryny adaty bolmadyk usul bilen çözüp, tapawutlanan talyplara Ýörite diplomlar gowşurylar.

Olimpiadanyň geçiriliş düzgünleri bilen institutyň https://tdbgi.edu.tm saýtynda Halkara we döwlet olimpiadalary bölüminden tanşyp bolar. Goşmaça maglumatlary (+99312) 28-18-05, (+99365) 314464; (+99365) 814482 telefon belgilere jaň edip hem-de amanovmerdan73@gmail.com; tdbgiob@gmail.com elektron salgy arkaly alyp bolar.

Olimpiada Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmek, şeýle hem ýurduň ýokary okuw mekdeplerini öňdebaryjy halkara derejeli ýokary okuw mekdepleriniň sanawyna girizmäge degişli çäreleri geçirmek boýunça meýilnamalara laýyklykda geçirilýär.

Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ylmy merkezleriniň özara gatnaşyklaryny pugtalandyrmak we ösdürmek, ýaşlaryň dürli ylymlary öwrenmäge gyzyklanmalaryny artdyrmak we höweslendirmek, talyplaryň intellektual zähmet bilen baglanyşykly geljekki hünärlerini saýlap bilmekleri üçin oňaýly şertleri döretmek, şu gözden geçirilişiň baş maksatlarynyň hatarynda durýar.

Guramaçylaryň bellemeklerine göra, şeýle olimpiadalaryň geçirilmegi ylym, ylmy-barlag işleri bilen hyjuwly meşgullanýan, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmak arkaly çylşyrymly meseleleri başarnykly we özbaşdak çözmäge ukyply talyp ýaşlary ýüze

Все права защищены

çykarmaga ýardam edýär. Olimpiada gatnaşmak dünýän ýurtlarynyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna bilimlerini, zehinlerini, iş başarnyklaryny hem-de intellektual ukyplaryny görkezmäge ajaýyp mümkinçilik berer.

Все права защищены